**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2022-nji 4-nji oktýabryndaky 270-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2022-nji 17-nji oktýabrynda 1654 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy**

# Hususy telekeçileriň ygtyýarly karz edaralaryndaky bank hasaplaryna gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň hasabyna geçirmegiň Tertibine üýtgetmeleri girizmek barada

«Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda, «Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda çykaran 13240-njy kararyny ýerine ýetirmek hem-de hususy telekeçileriň ygtyýarly karz edaralaryndaky bank hasaplaryna gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň hasabyna geçirmegiň tertibini kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2015-nji ýylyň 19-njy oktýabrynda 925 belgisi bilen döwlet belligine alnan, «Hususy telekeçileriň ygtyýarly karz edaralaryndaky bank hasaplaryna gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň hasabyna geçirmegiň Tertibini tassyklamak barada» Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň Başlygynyň 2015-nji ýylyň 28-nji awgustynda çykaran 327-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Hususy telekeçileriň ygtyýarly karz edaralaryndaky bank hasaplaryna gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň hasabyna geçirmegiň Tertibiniň on dördünji böleginiň ikinji tesiminde:

1) 1-nji bendinde:

a) «şol aýda» diýen sözi aýyrmaly;

b) «75» diýen sany «100» diýen san bilen çalşyrmaly;

2) 2-nji bendinde:

a) «şol aýda» diýen sözi aýyrmaly;

b) «50» diýen sany «100» diýen san bilen çalşyrmaly;

3) 3-nji bendinde «70» diýen sany «100» diýen san bilen çalşyrmaly.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň orunbasarlarynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Bank gözegçiligi, Pul dolanyşygy we emissiýa-kassa amallary, Daşary ýurt puluny kadalaşdyryş we daşary ykdysady gatnaşyklar müdirlikleriniň başlyklarynyň üstüne ýüklemeli.